Türkmenistanyň Prezidentiniň
2012-nji ýylyň 06-njy iýulynda
çykaran 12429-njy karary bilen
tassyklandy

# Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy

***(Döwlet statistikasy ulgamyna degişli dördünji bölümi we ulgamy ösdürmek boýunça çäreler)***

**Aşgabat – 2012**

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ösüşiň senagat-innowasion ugruna yzygiderli geçirmek arkaly durnukly we deňagramly ösdürmäge gönükdirilen Türkmenistanyň orta möhletli geljek üçin döwlet ykdysady syýasatynyň esasy ýörelgeleri we gurallary kesgitlenýär. Maksatnamada boýunça maksatlaýyn görkezijileri durmuşa geçirmek we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan goýlan wezipeleri amala aşyrmak üçin, ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda şu aşakdaky işler amala aşyrylar.

## 4. Döwlet statistikasy ulgamy

Türkmenistanyň statistika ulgamyny halkara standartlaryna geçirmegiň 2010–2012-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň barşynda häzirki wagtda ýurtda statistika işini kämilleşdirmekde belli bir öňegidişlik gazanyldy.

Türkmenistanda döwlet statistikasy ulgamyny 2012–2016-njy ýyllarda ösdürmegiň maksady halkara standartlaryna we milli ykdysadyýeti dolandyrmagyň talaplaryna laýyk gelýän, ýokary hilli statistiki maglumatlary öz wagtynda we doly möçberde ýygnamakdan, ýurtda resmi statistikanyň guralyşyny döwrebap kämilleşdirmekden ybaratdyr. Bu ugurdaky esasy wezipe döwlet dolandyryş we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, ýurduň agza bolup durýan halkara guramalary, ylym we bilim edaralary, döredijilik birleşikleri, kärhanalar, guramalar we raýatlar tarapyndan statistiki maglumatlara bolan barha ösýän islegleriň kanagatlandyrylmagy bolup durýar.

Şonuň bilen baglylykda, öňi bilen, ýurtda geçirilýän statistiki gözegçilikleriň uçdantutma we seçimleýin usullaryny girizmek, maglumatlary ýygnamakda dolandyryş çeşmelerinden peýdalanmak, dürli çeşmelerden alnan maglumatlary ylmy usulyýet esasynda umumylaşdyrmak, maglumat-aragatnaşyk tehnolo aşyk te

Statistikanyň guramaçylyk düzüminiň kämilleşdirilmegi we sebitleýin statistikanyň ösdürilmegi boýunça işler usulyýet, maglumatlary ýygnamagyň we işlemegiň tehnologiýalary, maglumat akymlarynyň kämilleşdirilmegi babatdaky maksatnamalaýyn çäreleriň durmuşa geçirilişiniň barşynda tapgyrlaýyn amala aşyrylar. Sebitleýin statistikany ösdürmek babatdaky işler iki ugur boýunça, ýagny ýerlerde uçdantutma we seçimleýin statistiki gözegçilikleriň geçirilmeginde hem-de ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň statistiki habarlar bilen üpjün edilişini gowulandyrmakda sebitleýin statistika müdirlikleriniň jogapkärçiligini has-da ýokarlandyrmak, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiň merkezi edarasynda bolsa sebitleýin statistika babatdaky işleri netijeli utgaşdyrmak boýunça çäreler alnyp barlar.

Statistiki toparlara bölmek we statistiki bellige alyş sanawlary boýunça kämilleşdiriş işleri ministrlikler, pudak edaralary bilen hyzmatdaşlykda halkara derejesinde ykrar edilen taslamalary Türkmenistanyň şertlerine uýgunlaşdyrmak hem-de milli ykdysadyýeti dolandyrmagyň öz aýratynlyklaryny nazara almak esasynda amala aşyrylar.

Milli hasaplar ulgamy (MHU) boýunça, jemi içerki önümiň halkara deňeşdirmesiniň, milli hasaplaryň maliýe we maýa goýum boýunça degişli hasaplaryň kämilleşdirilmegi, «Harajatlar–önüm goýberiş» çyzgylaryny işläp düzmegiň usulyýet binýadynyň emele getirilmegi, maglumatlar boýunça resminamalaryň kämilleşdirilmegi göz öňünde tutulýar.

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň statistikasy boýunça şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýerine ýetirýän eksport-import amallary hakynda giňişleýin statistiki habarlaryň taýýarlanmagy ýola goýlar. Ýurduň töleg deňagramlylygyny üpjün etmek üçün daşary ykdysady aragatnaşyklar baradaky statistiki görkezijileriň ulgamy, şonuň ýaly-da syýahatçylyk hyzmatlaryna baha bermegiň görkezijileri kämilleşdiriler.

Maliýe statistikasy boýunça döwlet maliýesiniň statistikasynyň kämilleşdirilmegi hem-de maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna geçilmegi bilen baglylykda kärhanalaryň statistikasynyň yzygiderli ösdürilmegi göz öňünde tutulýar.

Içerki söwdanyň statistikasy boýunça bölek satuw we lomaý satuw söwdalarynyň seçimleýin gözegçilikleri has giňden ulanylar. Seçimleýin gözegçilikleriň netijesinde we dolandyryş çeşmelerden alynýan maglumatlary rejeli peýdalanyp, söwda dolanyşygynyň möçberleriniň görkezijileriniň hasaplamalary kämilleşdiriler.

Nyrhlaryň statistikasy boýunça önüm öndürijileriň nyrhlarynyň görkezijileriniň, sarp ediş nyrhlarynyň indeksleriniň hasaplanyşyny, olara degişli düzedişleri girizmegiň usullaryny kämilleşdirmek boýunça işler geçiriler.

Senagatyň statistikasy boýunça hasaplaýyş usulynda işlenilýän ýangyç-energetika deňagramlylygyny has ýaýbaňlandyrylan görkezijiler esasynda düzmek ýola goýlar, senagat önümleriniň görnüşleriniň halkara tejribesinde ulanylýan giňişleýin sanawy düzüler we ornaşdyrylar.

Oba hojalyk statistikasy boýunça ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini öndürýän öý hojalyklarynda seçimleýin gözegçilikleriň geçirilmegi geňeşlikler tarapyndan ýöredilýän uçdantutma hasaba alnyşyň netijeleriniň ýygnalmagyny we işlenmegini kompýuterleşdirmek bilen utgaşdyrylar.

Gurlusygyň statistikasy boýunça esasy serişdelere göni daşary ýurt maýa goýumlary baradaky statistiki görkezijileriň sanawy kämilleşdiriler. Önümçilige degişli we önümçilige degişli bolmadyk gurulýan iri desgalaryň sanawy hem-de olarda gurluşyk işleriniň gidişi baradaky statistiki maglumataryň ýygnalyşy we işlenişi kämilleşdiriler.

Ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy boýunça ýük daşamak we ýolagçy gatnatmak bilen meşgullanýan kiçi telekeçiligiň wekilleriniň ýerine ýetirýän tölegli hyzmatlarynyň seçimleýin gözegçilik esasynda statistiki hasaba alnyşynyň usulyýeti we guralyşy kämilleşdiriler. Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary gurşawynda bolup geçýän hadysalaryň has giňişleýin hasaba alynmagy, kämil innowasiýalar statistikasynyň kemala getirilmegi we ykdysadyýetde innowasion işiň ösüşine statistiki taýdan gözegçilik etmegiň ösdürilmegi boýunça çäreler durmuşa geçiriler.

Demografik statistika boýunça Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň 2012-nji ýyldaky uçdantutma ýazuwynyň netijeleriniň binýadynda hem-de dolandyryş maglumatlaryň esasynda Ilatyň bellige alyş sanawyny döretmek boýunça iş geçiriler. Şonuň ýaly-da ilat ösüşine degişli statistiki görkezijileri hasaplamagyň usullary kämilleşdiriler.

Zähmetiň statistikasy boýunça statistiki gözegçiligini kämilleşdirmek bilen bagly işler dowam etdiriler. Zähmetiň we işçi güýjüniň, işçi güýjine çykarylýan harajatlaryň we olaryň düzüminiň, ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryndaky zähmetiň aýratyn şertlerinde işleýänleriň zähmetine hak tölenişiniň statistiki hasaba alnyşy kämilleşdiriler.

Öý hojalyklarynyň statistikasy boýunça seçimleýin gözegçilikleriň usulyýeti we guralyşy mundan beýläk hem kämilleşdiriler, gözegçilik edilýän hadysalaryň sanawy giňeldiler. Hususan-da, öý hojalyklarynyň seçimleýin gözegçilikleriniň sowalnamalaryna önüm öndürmek, hak tölenýän işleri ýerine ýetirmek, tölegli hyzmatlary etmek üçin sarp edilýän zähmet harajatlarynyň möçberi baradaky görkezijiniň girizilmegi göz öňünde tutulýar.

Durmuş statistikasy boýunça saglygy goraýşyň, bilimiň, medeniýetiň, sungatyň, sportuň, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň ösüşini, daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň sanawyny giňeltmek, bu ugurda maglumatlaryň dolandyryş çeşmelerinden peýdalanylyş mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar.

Statistiki habarlaryň ýaýradylmagy boýunça olardan peýdalanyjylar üçin elýeterliligiň has giňeldilmegi, olaryň islegleriniň öwrenilmegi, statistiki habarlary köpeltmegiň we ýaýratmagyň elektron serişdeleriniň barha köp ulanylmagy, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň Internet-saýtynda ýerleşdirilýän statistiki habarlaryň düzüm taýdan kämilleşdirilmegi göz öňünde tutulýar.

Maglumatlar tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegi boýunça maglumatlar binýadyny dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamyny ornaşdyrmaga taýýarlyk işleriniň geçirilmegi, maglumatlary işlemegiň kompýuter programmalary bilen üpjünçiliginiň pugtalandyrylmagy, maglumatlaryň elektron usulda ygtybarly alyş-çalşyny üpjün etmek üçin optiki-süýümli aragatnaşygyň ýola goýulmagy göz öňünde tutulýar.

Döwlet statistikasynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak hem-de halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek babatda daşary ýurt döwletleriniň statistika edaralarynda iş saparlarynda bolmak, statistikanyň meseleleri boýunça halkara derejesinde geçirilýän okuwlara we beýleki çärelere gatnaşmak, statistika ugrundan, şol sanda halkara bilermenleriniň gatnaşmagynda okuwlary guramak arkaly döwlet statistikasy ulgamyndaky işgärleriň öňdebaryjy tejribe alyşmaklaryna we hünär derejeleriniň ýokarlandyrylmagyna mümkinçilik berler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2012-nji ýylyň 06-njy iýulynda
çykaran 12429-njy karary bilen
tassyklandy

# Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmek boýunça amala aşyrylmaly çäreleriň 2012-2016-njy ýyllar üçin MEÝILNAMASY

| **T/b** | **Çäreleriň ady** | **Ýerine ýetirmeli möhleti** | **Ýerine ýetirijiler** |
|---|---|---|---|
| **TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI** | | | |
| 28. | Statistikany ösdürmegiň usulyýet esaslaryny pugtalandyrmak, amalyýet resminamalaryny kämilleşdirilmek, täzelerini işläp düzmek we ornaşdyrmak | 2012–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 29. | Milli hasaplar ulgamyny we olara degişli makroykdysady görkezijileri hasaplamagy kämilleşdirmek | 2013–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 30. | Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň milli we halkara standartlarynyň ornaşdyrylmagynyň barşynda statistiki gözegçilik ulgamyny kämilleşdirmek | 2013–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, beýleki ministrlikler we pudak edaralary |
| 31. | Sarp ediş nyrhlary hem-de önüm öndürijileriň nyrhlary boýunça möwsümleýin düzedişleri girizmegiň usullaryny işläp düzmek | 2015–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 32. | Hereket edýän öý hojalyk kitabynyň kämilleşdirilen nusgasyny elektron görnüşüne geçirmek | 2013-njy ýyl | Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 33. | Gurulýan desgalaryň statistiki sanawyny düzmek we ony ýöretmek üçin gollanma resminamalaryny işläp düzmek | 2015–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 34. | Halkara standartlaryna laýyklykda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna baha bermek üçin statistiki görkezijileriň sanawyny işläp düzmek | 2013–2014-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi |
| 35. | Içerki migrasiýany öwrenmek boýunça seçimleýin gözegçiligi geçirmek | 2014-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 36. | Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň 2012-nji ýyldaky uçdantutma ýazuwynyň netijelerini jemlemek we çap etmek | 2013–2015-nji ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 37. | Pensiýa üpjünçiligi we döwlet kömek puly baradaky statistiki görkezijileri kämilleşdirmek | 2013–2015-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 38. | Saglygy goraýşyň statistikasyny Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň talaplaryny nazara almak bilen kämilleşdirmek | 2015-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 39. | Bilim boýunça döwlet statistiki hasabat görnüşlerini bir ülňä getirmek | 2016-njy ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Bilim ministrligi |
| 40. | Daşky gurşawyň goralyşyna degişli döwlet statistiki hasabat görnüşleriniň we maglumatlaryň ulgamyna girýän görkezijileri kämilleşdirmek | 2014–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 41. | Hereket edýän statistiki resminama toparlaryny kämilleşdirmek | 2013–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 42. | Ministrlikleriň we pudak edaralarynyň maglumatlar binýatlaryndaky resminamalaryň elektron nusgalaryny işläp düzmek | 2014–2016-njy ýyllar | Degişli ministrlikler we pudak edaralary, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 43. | Statistiki maglumatlary ýygnamagyň, geçirmegiň, işlemegiň, saklamagyň we statistiki habarlary ýaýratmagyň kompýuter tehnologiýalaryny kämilleşdirmek | 2012–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi |
| 44 | Beýleki döwletleriň statistika edaralary, halkara statistika we ykdysady guramalar bilen işewür hyzmatdaşlygy gurmak, olar bilen maglumat alyşmagy ösdürmek | 2013–2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |